Magtymgulynyň türkmen halkynyň ruhuna ýugrulan köp gyraňly poeziýasy ýönekeý adamy wasp edip, hakykat we gumanizm, halkyň bagtly durmuşyny arzuwlap, ýagşylygyň ýamanlygy we adalatsyzlygy hökman ýeňjekdigi baradaky ideýalary öňe sürýär. Emma hakykaty açyp görkezmek üçin gözlegleri, ynsanyň durmuşdaky ornuna, ýaşaýşyň manysyna düşünmek islegleri döredijiliginiň bellibir döwürlerinde Magtymgulyny sufizm filosofiýasyna getirýär.

Magtymgulyny sufizme getiren sebäpleriň biri, biziň pi ki rimizçe, sufizmiň käbir wekilleri ynsan düşünjesini öz tag ly matynyň merkezinde goýupdyrlar we adamy Hudaýyň ýaradan, onuň ruhy siňen iň bir gözel jandary hasaplapdyrlar.

Magtymgulynyň döredijiliginde sufizm meselesi örän çyl şy rymly we köptaraply. Şeýle ugurlaryň biride, şahyryň dünýewi söý gi lirikasyny onuň sufistik goşgularyndan tapawutlandyrmak bolup durýar. Munuň kynçylygynyň sebäbi sopuçylyk ideýalaryna ýugrulan goşgularda dünýewi söýgi lirikasynyň adalgalary, ob razlary ulanylýar; şahyrlar Hudaýa öz magşugy ýaly ýüzlenýärler.

Biz bu işde Magtymgulynyň söýgi lirikasynyň we sufistik mazmunly goşgularynyň käbir aýratynlyklary we olary birbi rinden tapawutlandyrmak barada durup geçmek çi

Sopuçylyk poeziýasy adaty dünýewi söýgi lirikasynyň ob razlaryny we adalgalaryny öz eserlerinde ulanyp, olara mis ti ki we allegoriki (göçme) many berýärler. Meselem, «al ýa ňak» – Hudaýyň tebigatyny, «gara zülp» – Hudaýyň syry ny we ony bilmekligi, «gyrmyzy dodaklar» –ruhy lezzeti we syrly şepagaty, «meý» – Hudaýyň söýgüsini, «saky»– mür şidi, «harabat» (meýhana) – Hudaýyň meýiniň içilýän ýe ri ni, adamzat jemgyýetini we ş.m.1 Şol sebäpli Gündogar ede bi ýaty nyň orta asyrlara degişli eserlerinde dünýewi söýgi li ri kasyny mistiki, sufistik lirikadan tapawutlandyryp, söý gi ob ýektiniň (ynsanmy ýada Hudaýmy) kimdigini anyk la mak kyn.

**Abdylhalil AMANOW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены
save pdf date >>> 24.11.2024